Raýatlaryň özara saparlary we serhetýaka sebitlerde ýaşaýan raýatlar üçin ýönekeýleşdirilen tertip hakynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Özbegistan Respublikasynyň Hökümetiniň arasyndaky

Y L A L A Ş Y K

Mundan beýläk Taraplar diýlip atlandyrylýan Türkmenistanyň Hökümeti we Özbegistan Respublikasynyň Hökümeti,

Dostluk, hyzmatdaşlyk we özara kömek hakynda Türkmenistanyň we Özbegistan Respublikasynyň arasynda 1996-njy ýylyň Türkmenbaşy (ýanwar) aýynyň 16-synda baglaşylan Şertnamanyň düzgünlerini goldanyp,

iki döwletiň arasyndaky gatnaşyklary mundan beýläk-de çuňlaşdyrmaga we öz döwletleriniň raýatlarynyň arasyndaky gatnaşyklary ösdürmäge hyjuw bildirip,

Döwlet serhedinden geçmegiň tertibini düzgünleşdirmek, raýatlaryň Taraplaryň döwletleriniň çäklerine barmagyny, şol ýerden gitmegini we şol ýerde bolmagyny tertipleşdirmek maksady bilen,

iki döwletiň raýatlarynyň saparlarynyň şertleriniň mundan beýläk-de kämilleşdirilmegi döwlet serhediniň düzgünini pugtalandyrmaga, kanunçylygy we hukuk tertibini üpjün etmäge hyzmat eder diýip hasaplap,

şular barada ylalaşdy:

1-nji madda

Taraplaryň biriniň döwletiniň raýatlary №1 we 2 goşundylarda sanalyp geçilen hakyky resmi namalar boýunça we şu Ylalaşykda göz öňünde tutulan şertlerde beýleki Tarapyň döwletiniň çäklerine baryp, şol ýerden gidip, üstaşyr geçip we şol ýerde wagtlaýyn bolup biler.

Şu Ylalaşykda düzgünleşdirilmedik meseleler Taraplaryň döwletleriniň milli kanunçylygyna laýyklykda çözüler.

2-nji madda

Taraplaryň döwletleriniň raýatlary beýleki Tarapyň döwletiniň çäklerinde bolan mahaly şol Tarapyň döwletiniň kanunlaryny we kadalaryny, şol sanda hasaba almagyň, bolmagyň we hereket etmegiň daşary ýurt raýatlary üçin bellenilen kadalaryny berjaý etmelidir.

3-nji madda

Taraplaryň döwletleriniň raýatlary Taraplaryň biriniň döwletiniň çäklerine Taraplaryň döwletleriniň milli kanunçylygynda göz öňünde tutulan serhet, gümrük we beýleki amallary berjaý edip, döwlet serhedindäki geçiriş ýerleriniň üsti bilen barýar, şol ýerden gidýär we üstaşyr geçýär.

Geçiriş ýerleriniň sanawyny Taraplar diplomatik ýollar arkaly ylalaşýar.

4-nji madda

Bir Tarapyň döwletiniň raýatlary beýleki Tarapyň döwletiniň ygtyýarnamasyny almak üçin şol Tarapyň diplomatik wekilçiligine ýa-da konsullyk edarasyna ýazmaça ýüztutmany we degişli edara görnüşindäki tarapyň ýa-da şahsy adamyň bellenilen

tertipde resmileşdirilen çakylygyny berýär, şu Ylalaşykda görkezilen halatlar muňa girmeýär.

5-nji madda

1. Hakyky diplomatik ýa-da gulluk pasportlarynyň eýeleri bolan, Özbegistan Respublikasynyň çäklerinde otuz güne çenli bolmagy çak edýän Türkmenistanyň raýatlary we hakyky diplomatik pasportlarynyň eýeleri bolan, Türkmenistanyň çäklerinde otuz güne çenli bolmagy çak edýän Özbegistan Respublikasynyň raýatlary beýleki Tarapyň döwletiniň çäklerine ygtyýarnama bolmazdan barar, şol ýerden gider we şol ýerde bolar.

2. Eger Taraplaryň döwletleriniň şu maddanyň 1-nji bölüminde görkezilen raýatlary beýleki Tarapyň döwletiniň çäklerinde otuz günden köp bolmakçy bolsa, onda ygtyýarnamany almak üçin olar özi raýatlary bolan Tarapyň döwletiniň diplomatik wekilçiliginiň ýa-da konsullyk edarasynyň ýazmaça ýüztutmasy zerurdyr.

6-njy madda

1. Taraplaryň biriniň döwletiniň hakyky diplomatik pasportlary ýa-da gulluk pasportlary bolan hem-de beýleki Tarapyň döwletiniň çäklerinde ýerleşen diplomatik wekilçiliklerniň, konsullyk edaralarynyň we halkara guramalarynyň işgärleri bolup durýan, beýleki Tarapyň döwletiniň çäklerinde bolýan raýatlary işiniň ähli döwrüniň dowamynda beýleki Tarapyň döwletiniň çäklerine ygtyýarnama bolmazdan barýar, şol ýerden gidýär we şol ýerde bolýar.

2. Şu maddanyň 1-nji bölüminiň düzgünleri ýokarda görkezilen raýatlaryň resmi taýdan bolýan döwründe olar bilen bile ýaşaýan hem-de hakyky diplomatik ýa-da gulluk pasportlarynyň eýeleri bolan maşgala agzalaryna hem degişlidir.

3. Özbegistan Respublikasynyň Türkmenistandaky diplomatik wekilçiliginiň we konsullyk edaralarynyň edara ediş-tehniki işgärleri, şeýle hem olaryň Özbegistan Respublikasynyň raýatlarynyň hakyky milli pasportlarynyň eýeleri bolan maşgala agzalary konsullyk ýygymlary alynmazdan resmileşdirilen köp gezeklik ygtyýarnamalar esasynda Türkmenistanyň çäklerine barýar, şol ýerden gidýär we şol ýerde bolýar.

4. Şu maddanyň 1-3-nji bölümlerinde gorkezilen adamlar bolunýan döwletiň Daşary işler ministrliginde degişlilikde resmi taýdan ykrar edilen bolmalydyr.

7-nji madda

1. Türkmenistanyň Daşoguz we Lebap welaýatlarynda hemişelik ýaşaýan, Türkmenistanyň raýatlarynyň hakyky milli pasportlarynyň eýeleri bolan Türkmenistanyň raýatlary Horezm we Buhara oblastlarynyň çäklerine, şeýle hem Özbegistan Respublikasynyň Garagalpagystan Respublikasynyň, Surhanderýa we Kaşgaderýa oblastlarynyň Türkmenistanyň döwlet serhedine gönüden-göni ýanaşyk raýonlarynyň çäklerine (şu Ylalaşyga №3 goşundy) aýda bir gezek ygtyýarnamasyz baryp, şol ýerden gidip we üç günden köp bolmadyk möhletiň dowamynda şol ýerde bolup biler.

2. Özbegistan Respublikasynyň Horezm we Buhara oblastlarynda, şeýle hem Garagalpagystan Respublikasynyň, Özbegistan Respublikasynyň Surhanderýa we

Kaşgaderýa oblastlarynyň Türkmenstanyň döwlet serhedine gönüden-göni ýanaşyk raýonlarynda (şu Ylalaşyga № 3 goşundy) hemişelik ýaşaýan, Özbegistan Respublikasynyň raýatlarynyň hakyky milli pasportlarynyň eýeleri bolan Özbegistan Respublikasynyň raýatlary Türkmenistanyň Daşoguz we Lebap welaýatlarynyň çäklerine aýda bir gezek ygtyýarnamasyz baryp, şol ýerden gidip we üç günden köp bolmadyk möhletiň dowamynda şol ýerde bolup biler.

3. Şu maddanyň güýji özüne degişli bolan raýatlar Oraza aýynyň (Ruza-haýit) we Gurban baýramynyň (Kurban-haýit) günlerinde däp bolan dessurlary berjaý etmek maksady bilen Taraplaryň döwletleriniň şu maddanyň 1-nji we 2-nji bölümlerinde görkezilen ýerlerine aýda iki gezek, ýöne ýedi günden köp bolmadyk möhlet bilen ygtyýarnama bolmazdan baryp, şol ýerden gidip we şol ýerde bolup biler.

4. Şu maddada görkezilen raýatlaryň ýaşaýan ýeri Taraplaryň döwletleriniň raýatlarynyň pasportlarynda goýulýan ýazylmak hakyndaky bellikler esasynda kesgitlenilýär.

5. Taraplaryň döwletleriniň şu maddada görkezilen raýatlarynyň beýleki Tarapyň döwletiniň çäklerinde şu maddada görkezilen möhletlerden uzak wagt bolmagy bellenilen tertipde resmileşdirilen ygtyýarnamalar esasynda amala aşyrylýar.

6. Iki Tarapyň döwletleriniň şu maddanyň güýji özüne degişli bolan raýatlary döwlet serhedinden geçilen mahaly zerur amallary berjaý edip, halkara gatnawy üçin kesgitlenilen ýerleriň hem-de ýönekeýleşdirilen geçiriş ýerleriniň üsti bilen Taraplaryň döwletleriniň milli kanunçylygyna laýyklykda beýleki Tarapyň döwletiniň çäklerine gelip we onuň çaklerinden gidip biler.

8-nji madda

Şu Ylalaşyga № 1 we 2 goşundylarda sanalyp geçilen resmi namalar boýunça ygtyýarnamasyz gelmegiň, gitmegiň we bolmagyň tertibi iki Tarapyň döwletleriniň raýatlarynyň şu toparlary üçin bellenilýär:

a) raýat howa ýollarynyň howa gämileriniň ekipažlarynyň agzalary üçin - hakyky milli pasportlar boýunça we baş beýannamada (uçuş tabşyrygynda) ýazgy bar mahaly;

b) derýa gämileriniň we katerleriniň ekipažlarynyň agzalary üçin - deňizçiniň hakyky pasportlary boýunça hem-de gämi rolunda ýazgy ýa-da şondan göçürme bar mahaly;

ç) demir ýollarynyň otly, refrižirator we lokomotiw brigadalarynyň işgärleri üçin - hakyky milli pasportlar hem-de her bir gatnaw üçin tassyklanylýan atma-at sanawlar, ugur namalary boýunça;

d) hökümetara feldýeger aragatnaşygynyň işgärleri üçin - hakyky milli pasportlar we Taraplaryň ygtyýarly edaralary tarapyndan berilýän degişli resmi namalar boýunça.

9-njy madda

Taraplaryň biriniň döwletiniň beýleki Tarapyň döwletiniň çäklerinde ýerleşen hojalyk desgalaryna hyzmat edýän işgärleri bolan raýatlary öz gulluk borçlaryny ýerine ýetirmek üçin beýleki Tarapyň döwletiniň çäklerine Taraplaryň arasynda

baglaşylan aýratyn ylalaşykda kesgitlenilen tertipde we şertlerde barýar, şol ýerden gidýär we şol ýerde bolýar.

10-njy madda

Ynsanperwerlik häsiýetli gaýragoýulmasyz halatlarda Taraplaryň ygtyýarly edaralary agyr hassa maşgala agzasyny ýa-da ýakyn hossaryny (är-aýalyny, ata-enesini, çagalaryny, doganlaryny we uýalaryny, äriniň-aýalynyň ata-enesini) görmek maksady bilen, şeýle hem maşgala agzasyny ýa-da ýakyn hossaryny jaýlamaga gatnaşmak üçin barýan adamlar Taraplaryň ygtyýarly edaralary tarapyndan berlen tassyklaýjy resmi namalary görkezende olara ygtyýarnamalary bir gije-gündiziň dowamynda berer.

11-nji madda

Taraplar raýatlaryň şu toparlary barada ygtyýarnamalaryň berilmegi üçin konsullyk ýygymlary babatda ýeňillikli bahalary özara esasda ulanar:

ýakyn hossarlarynyň mazarlaryna zyýarata barýan adamlar barada - jaýlanylan ýerini tassyklaýan resmi nama bar mahaly;

1941-1945-nji ýyllaryň urşunyň gatnaşyjylary we olar bilen deňleşdirilen adamlar, 1-nji we 2-nji topardaky maýyplar barada - degişli şahsyýetnama görkezilen mahaly.

12-nji madda

Taraplaryň döwletleriniň raýatlary üçünji ýurtda düşmek ýa-da şol ýere barmak üçin öz Tarapynyň döwletiniň çäklerinde münmek we oňa barmak şertinde tassyklaýjy resmi namalary görkezen mahaly iki Tarapyň-da döwletleriniň üstünden demir ýol ulagy arkaly ygtyýarnamasyz üstaşyr geçip biler.

13-nji madda

1. Şu Ylalaşyk Taraplaryň öz çäklerinde bolmagy islenilmeýär diýlip hasap edilýän beýleki Tarapyň döwletiniň raýatlarynyň gelmegini ret etmek ýa-da bolýan möhletini çäklendirmek hukugyna täsir etmeýär.

2. Taraplar öz döwletleriniň beýleki Tarapyň döwletiniň çäklerinden möhletinden öň gitmeli ediljek ýa-da çykaryljak raýatlaryny kabul etmäge borçlanýar.

14-nji madda

Adatdan daşary halatlarda (milli howpsuzlygy, jemgyýetçilik tertibi üçin wehim ýa-da raýatlaryň saglygy üçin wehim, şol sanda ýokanç keselleriň ýaýramagy, tebigy apatlar) Taraplar şu Ylalaşygyň hereketini doly ýa kem-käs wagtlaýyn duruzmak hukugyny özünde saklap galýar. Taraplar şu Ylalaşygyň hereketiniň duruzylmagy hakynda, şeýle hem onuň täzeden herekete girizilmegi hakynda bir-birine mümkin boldugyça deslapdan, ýöne bu barada çözgüt kabul edilen pursatdan başlap, 24 sagatdan gijä galman diplomatik ýollar arkaly habar berer.

15-nji madda

1. Taraplar şu Ylalaşygyň hereketi özüne degişli bolan resmi namalaryň nusgalaryny şu Ylalaşyk güýje gireninden soň otuz günüň dowamynda diplomatik ýollar arkaly alyşýar.

2. Täze resmi namalar girizilen ýa-da ulanylýan resmi namalara üýtgetmeler girizilen halatda Taraplar bu barada bir-birine habar berýär we täze ýa-da üýtgedilen resmi namalaryň nusgalaryny olaryň girizilmegine çenli otuz günden gijä galman diplomatik ýollar arkaly berýär.

3. Taraplar daşary ýurt raýatlaryny gelmegini, gitmeginiň, bolmagynyň tertibi hakyndaky ulanylýan kanunçylyk baradaky maglumatlary we şu ugurdaky beýleki maglumatlary diplomatik ýollar arkaly alşar.

16-njy madda

Taraplar şu Ylalaşygy ýerine ýetirmek bilen baglanyşykly meseleleri ara alyp maslahatlaşmak üçin pikir alyşmalary zerurlyga görä geçirer.

17-nji madda

Taraplaryň ylalaşmagy boýunça şu Ylalaşyga üýtgetmeler we goşmaçalar girizilip bilner, olar şu Ylalaşygyň aýrylmaz bölegi bolup durýan hem-de şu Ylalaşygyň 19-njy maddasynda göz öňünde tutulan tertipde güýje girýän aýratyn teswirnamalar arkaly resmileşdirilýär.

18-nji madda

Şu Ylalaşygyň düzgünlerini ýerine ýetirmegiň ýa-da ulanmagyň barşynda döreýän islendik çaprazlyklar ýa jedelli meseleler Taraplaryň arasyndaky gepleşikler ýoly bilen çözüler.

19-njy madda

Şu Ylalaşyk oňa gol çekilen günden başlap on bäşinji günde güýje girýär we Taraplaryň biri beýleki Tarapyň şu Ylalaşygyň hereketini bes etmekçidigi hakyndaky resmi habarnamasyny alan senesinden başlap, togsan gün geçýänçä hereket edýär.

20-nji madda

Şu Ylalaşygyň güýje girmegi bilen, Raýatlaryň özara saparlary hakynda Türkmenistanyň Hökümeti bilen Özbegistan Respublikasynyň Hökümetiniň arasynda 1999-njy ýylyň Sanjar (noýabr) aýynyň 6-synda baglaşylan Ylalaşyk öz güýjüni ýitirýär.

Buhara şäherinde 2004-nji ýylyň Sanjar (noýabr) aýynyň «19» her biri türkmen, özbek we rus dillerinde iki asyl nusgada amal edildi, özi-de ähli nusgalaryň birmeňzeş güýji bardyr.

Şu Ylalaşygyň düzgünlerini düşündirmek maksady bilen rus dilindäki nusga ulanylýar.

Türkmenistanyň Hökümetiniň adyndan Türkmenistanyň	**Özbegistan Respublikasynyň Hökümetiniň adyndan Özbegistan Respublikasynyň**

Prezidenti
Saparmyrat NYÝAZOW

Prezidenti
Yslam KARIMOW

2004-nji ýylyň Sanjar (noýabr) aýynyň «19»
Buhara şäherinde gol çekilen, Raýatlaryň özara
saparlary we serhetýaka sebitlerde ýaşaýan raýatlar
üçin ýönekeýleşdirilen tertip hakynda
Türkmenistanyň Hökümeti bilen Özbegistan
Respublikasynyň Hökümetiniň arasyndaky
Ylalaşyga
№ 1 goşundy

Türkmenistanyň raýatlarynyň Özbegistan Respublikasynyň çäklerine barmagy, şol ýerden gitmegi we şol ýerde bolmagy üçin resmi namalaryň
SANAWY

1. Diplomatik pasport
2. Gulluk pasporty
3. Türkmenistanyň raýatynyň pasporty
4. Dogluş hakynda şahadatnama (16 ýaşy dolmadyk çagalar üçin)
5. Deňizçiniň pasporty
6. Türkmenistana gaýdyp barmak üçin şahadatnama (diňe Türkmenistana gaýdyp barmak üçin)
7. Hökümetara feldýeger gullugynyň işgäriniň şahsyýetnamasy

2004-nji ýylyň Sanjar (noýabr) aýynyň «19»
Buhara şäherinde gol çekilen, Raýatlaryň özara
saparlary we serhetýaka sebitlerde ýaşaýan raýatlar
üçin ýönekeýleşdirilen tertip hakynda
Türkmenistanyň Hökümeti bilen Özbegistan
Respublikasynyň Hökümetiniň arasyndaky
Ylalaşyga
№ 2 goşundy

Özbegistan Respublikasynyň raýatlarynyň Türkmenistanyň çäklerine barmagy, şol ýerden gitmegi we şol ýerde bolmagy üçin resmi namalaryň
SANAWY

1. Diplomatik pasport
2. Özbegistan Respublikasynyň raýatynyň pasporty
3. Dogluş hakynda şahadatnama (16 ýaşy dolmadyk çagalar üçin)
4. Deňizçiniň pasporty
5. Özbegistan Respublikasynyň 16 ýaşy dolmadyk raýatynyň şahsyýetnamasy
6 Özbegistan Respublikasyna gaýdyp barmak üçin şahadatnama (diňe Özbegistan Respublikasyna gaýdyp barmak üçin)

7. Hökümetara feldýeger gullugynyň işgäriniň şahsyýetnamasy

2004-nji ýylyň Sanjar (noýabr) aýynyň «19»
Buhara şäherinde gol çekilen, Raýatlaryň özara
saparlary we serhetýaka sebitlerde ýaşaýan raýatlar
üçin ýönekeýleşdirilen tertip hakynda
Türkmenistanyň Hökümeti bilen Özbegistan
Respublikasynyň Hokümetiniň arasyndaky
Ylalaşyga
№ 3 goşundy

Özbegistan Respublikasynyň Garagalpagystan Respublikasynyň, Surhanderýa we Kaşgaderýa oblastlarynyň Türkmenistanyň Döwlet serhedine gönüden-göni ýanaşyk raýonlarynyň SANAWY

Garagalpagystan Respublikasy
1. Amyderýa raýony
2. Hojeýli raýony
3. Şumanaý raýony
4. Tahýadaş şäheri
5. Goňrat raýony

Kaşgaderýa oblasty
1. Bahoristan raýony
2. Usman Ýusobow raýony
3. Nişan raýony
4. Guzar raýony
5. Dehkanabat raýony

Surhanderýa oblasty
1. Şerabad raýony
2. Muzrabat raýony